# Netanýahunyñ üstünlikleri we mugjyzalary

Category: Kitapcy,Nukdaýnazar,Publisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Netanýahunyñ üstünlikleri we mugjyzalary NETANÝAHUNYÑ ÜSTÜNLIKLERI we MUGJYZALARY



Ysraýyl döredilen gününden bäri «halkara jemgyýetçilige» bizden has köp üns berip geldi. Ysraýyl üçin «jemgyýetçilik» – Günbatar. Günbataryñ gazetleri, torlary we ýyldyzlary. Bu serişdeler Ysraýyly üznüksiz, ikirjiñlenmesiz, gözden geçirmesiz goldap geldi. Çünki Günbatar Ysraýyly özüniñ, aýratynam medeniýetiniñ bir parçasy hasaplaýar.
Her ýyl geçirilýän «Eurovision» aýdym-saz bäsleşigine Ysraýyl Gündogarda, çölüñ bir gyrasynda ýerleşendigine garamazdan, yklymyñ bir agzasy hökmünde gatnaşýar. 1948-nji ýyldan öñem, soñam Ysraýyl we sionistik topar edebi-çeper we sungat döredijilik çärelerini ünsden salmady.

Bu ugurda araplaryň roly ýa-ha ýokdy, ýa-da zyýanlydy.
Kinomayografiýada we çeper edebiýatda parahatsöýüjilikli jöhidi kowalaýan eli hanjarly duşman arabyň obrazy agdykly etse, jöhidiň obrazy ýa aýdymçy ýa-da ýokary okuw jaýynyň professory bolup çykyş edýärdi.
Bu arenadaky basdaşlyk diýseň adalatsyzdy. Ýyllaryň geçmegi bilen ýagdaý az-kem üýtedi. Amerikanlar we ýewropalylar arap nukdaýnazaryny diňlemäge ilgezik boldular. Emma bu üýtgeşme duýdansyzlykda «11-nji sentýabr» we Muhammet Atta ýaly sarsgyn bilen ýüzbe-ýüz bolmaly boldy.
Bulam öňki düşünjeleri çepbesine çöwürdi we hemme zady yzyna dolady.
Netanýahu her gezeginde düşünjede janlandyrylýan obrazy agdar-düňder etdi.
Ýewropalylar we amerikanlar Gazadaky çagalaryň gözgyny ýagdaýyna nebsi agyryp köçelere döküldi.




Halkara Jeza beriş sudy (HJBS) Netanýahuny we onuñ Goranmak ministrini adamzada garşy eden jenaýatlary üçun tussag etmek hakynda karar çykaranda ysraýyllylar däliräýjek boldular.

Munuñ yzysüre üç uly ýewropa ýurdy ABŞ-nyñ «birtaraply» ykrar etmeginiñ talabalaýyk däldigi, çünki dünýä ýurtlarynyñ 90%-niñ onlarça ýyllap Palestina döwletini yzly-yzyna ykrar etme babatdaly nägileligi garşysynda ýeke pursat hem durmazdan palestin döwletini ykrar edýändiklerini mälim etdi.
Dünýäniñ Gaza sektorynda gören we görýän şonça zadyndan soñam Fransiýa ýa-da Ispaniýa ýaly uly günbatarly ýurtlar indi ABŞ-nyñ «bitaraplygyna» gapdaldan tomaşa edip bilmezler.
Ýer ýüzüniñ ýaşaýjylary sekiz aý bäri 3 müñ km³ meýdanda birmeñzeş gaýtalanyp duran epizodlara şaýatlyk edýär:
Hary-zelil halda ýaşaýan, gije-gündiz howadan, guryýerden we deñizden bombalanyp duran bir topbak adam.
Bir üýtgeşiklig-ä bolmaly. Weýrançylyklara we ganly partlamalara azajygam bolsa arakesme bermeýän şaýatlardan hasap sorap biljek ygtyýarly bolmaly.
Netanýahu-da, Baýden hem bular ýaly halkara aýaga galnyşyga garaşmandy.
Hemmeler dünýäniñ Ysraýylyñ premýer-ministriniñ halkara sud tarapyndan jogapkärçilige çekilmegini talap edip bilmejek derejede gorkakdygyna ynanýardy. Hiç kim Irlandiýanyñ ABŞ bilen arasynda şeýlekin dereje germaw çekjegine ynanmaýardy.
Emma Netanýagunyñ edip biljek zatlarynyñ çen-çaky ýok.

Semir ATAULLAH,
Liwanly žurnalist.

Anna, 24.05.2024 ý. Publisistika